# Jynsy we Özara Bolan Zorlygyň Pidalary üçin Immigrasiýa we Wiza degişli Maglumatlar

Özleriniň immigrasiýa we wiza ýagdaýy bilen bagly soragy bolan daşary ýurtly talyplara we ylmy işgärlere immigrasiýa boýunça hukukça ýüz tutmak maslahat berilýär. Bu resminama kanunçylygyň käbir jähetlerini düşündirýän gollanma bolup durýar, emma hukuk maslahatynyň ýerini tutmaýar.

**Men agressiýanyň pidasy boldum, meniň immigrasion statusym uniwersitetiň resurslaryndan peýdalanmak mümkinçiligime oňaýsyz täsir edýärmi?**

Ýok. Jynsy ýa-da özara jebiriň pidasy bolan we diri galan talyplar we işgärler 1972-nji ýylda üýtgetme girizilen we güýje giren Bilim barada Kanunyň 9-njy babyna hem-de Aýallara Zorluk baradaky Kanuna (VAWA) laýyklykda beýleki raýatlar bilen deň hukuklardan peýdalanýarlar.

| | |
|---|---|
| Uniwersitetiň binasyndaky lukmançylyk we maslahat beriş resurslaryna hem-de elýeterli bolan ýaşaýyş jaýlaryna degişli maglumat üçin: | RMC/JSU Health Center http://www.jsu.edu/studenthealth/ JSU Counseling Services: http://www.jsu.edu/ccservices/ |
| Talyplaryň bidüzgünçilikleri we temmi berlişi barada maglumat üçin: | http://www.jsu.edu/titleix/ |

Siz bir jenaýaty habar bereniňizde Uniwersitet sizden ar almak üçin hereket etmez ýa-da başgaça çemeleşmez.

**Men resminamalary düzüw ýa-da düzüw bolmadyk immigranty kanuny jogapkärçilige çekip bilýärinmi?**

| | |
|---|---|
| Hawa. Siziň ýagdaýyňyza degişli zorlama, ýanýoldaşyndan ýa-da söýgülisinden zulum görmek, yzarlanmak ýaly jenaýat adalgalaryna degişli maglumatlary Ýyllyk Howpsuzlyk Hasabatyndan tapyp bilersiňiz: | http://www.jsu.edu/police/crimestats.html |

Aýyplaw bildirmek we kazyýet jogapkärçiligine çekmek üçin ýörite soraglary şu salfa ugradyp bilersiňiz:

Chris Madrigal, Jacksonville State University Police Department
Salls Hall on Forney Avenue, Jacksonville, Alabama 36265
256-782-5050
http://www.jsu.edu/police/index.html
cmadrigal@jsu.edu

**Jenaýatçylygyň pidalary üçin aýratyn wiza we immigrasion statuslar barmy?**

Hawa. Zorlanan, ýanýoldaşyndan ýa-da söýgülisinden jebir çeken, yzarlanan şahslar üçin beýleki wiza saýlamalary, şol sanda U we T görnüşli Wizalar berlip bilner.

| U Wiza | T Wiza |
|---|---|
| Belli bir jenaýatyň, şol sanda jynsy taýdan kemsidilmäniň, ýanýoldaşynyň ýowuz çemeleşmegi, zorlanmanyň we beýleki jenaýatlaryň netijesinde fiziki we ruhy taýdan jebir çeken pidalar üçin.<br>-Pidanyň/arzaçynyň kazyýete çekip bolýan jenaýatyň pidasy bolmagy hökmanydyr, mümkin bolsa şu jenaýatçylykly hereketi derňemäge we/ýa-da seljermäge ýardam bermelidir.<br>- Umuman dört ýylyň dowamynda hukuk güýjüni goraýar.<br>-Goşmaça maglumat üçin immigrasiýa boýunça hukukça ýüz tutuň we şu saýtdaky maglumatlara gollanyň:<br><br>http://www.uscis.gov/humanitarian/victims-human-trafficking-other-crimes/victims-criminal-activity-u-nonimmigrant-status/victims-criminal-activity-u-nonimmigrant-status | Adamlar söwdasynyň pidalary üçin.<br>- Hukuk goraýjy edaralaryň adam söwdasyny derňemek we seljermek boýunça hyzmatdaşlyk üçin talaplaryny berjaý etmeli bolar, (eger-de fiziki ýa-da psihologiki taýdan bozulma keseline duçar bolup, hyzmatdaşlyk edip bilmese) pida/arzaçy özüniň Amerikanyň Birleşen Ştatlaryndan çykarylanda örän uly kynçylyk çekjekdigini subut etmegi başarmaly.<br>-Umuman dört ýylyň dowamynda hukuk güýjüni goraýar.<br>-Goşmaça maglumat üçin immigrasiýa boýunça hukukça ýüz tutuň we şu saýtdaky maglumatlara gollanyň:<br><br>http://www.uscis.gov/humanitarian/victims-human-trafficking-other-crimes/victims-human-trafficking-t-nonimmigrant-status |

**Uniwersitetiň jaýynda maňa goşmaça maglumat berip bilýän edara barmy?**

, International House & Programs
Clarence W Daugette, Jr. International House, 700 Pelham Road North, Jacksonville, Alabama 36265
256-782-5303
http://jsu.edu/international/index.html

Immigrasion statusyna degişli peýdaly maglumatlary Daşary Ýurtly Talyplar we Ylmy Işgärler Bölüminden alyp bilersiňiz.
Bellik: wizanyň statuslaryny üýtgetmek ýa-da standart F-1 we J-1 talyp wizalardan daşgary kanuny saýlamalar, işe alýan adamyň hemaýatkärliginde alnan iş wizalara degişli soraglaryňyz üçin tejribeli immigrasion hukukça ýüz tutuň.

| **Wiza Saýlamalary** | |
|---|---|
| F-1 and J-1 statusly talyplar<br>• Ygtyýarnamaly lukman, osteopat ýa-da ygtyýarnamaly psiholog tarapyndan tassyklanan saglyk ýagdaýy sebäpli okuw ýüküni azaltmak boýunça saýlamalar<br>• Okuw maskatnamasyndan çykmak üçin saýlamalar we onuň netijeleri<br>• Eger-de talyp okuw programmadan çykmak isleýän bolsa, soňra okuwyna dolanmak we dowam etdirmek barada maglumatlar<br>• Ýanýoldaşyna degişli saýlamalar we onuň netijeleri<br>• Wiza statusyny çalyşmak boýunça saýlamalara degişli umumy maglumat<br>• U we T görnüşli wizalar barada umumy maglumatlar. (Tejribeli hukukçy bilen habarlaşmaly)<br>• Tejribeli hukukça ýüz tutuň | H-1B, O-1, E-3 ýa-da TN wizaly işgärler<br>• Zähmet rugsadyny almaga degişli saýlamalar, onuň siziň immigrasion statusyňyza täsiri<br>• Ýanýoldaşyna degişli saýlamalar we onuň netijeleri<br>• Wiza statusyny çalyşmak boýunça saýlamalara degişli umumy maglumat<br>• U we T görnüşli wizalar barada umumy maglumatlar. (Tejribeli hukukçy bilen habarlaşmaly)<br>• Tejribeli hukukçy bilen habarlaşmak<br>• ABŞ-da hemişelik ýaşamagy üçin rugsatyň çykmagyna garaşýan raýatlar (ýaşyl karty entek tassyklanmadyk)<br>• Işe alýanyň hemaýatkärliginde berilýän hemişelik ýaşamak barada arzaňyza işden çykmagyňyzyň täsiri;<br>• Tejribeli hukukça ýüz tutuň |

**Immigrasiýa boýunça hukukçy kim, olaryň wezipesi näme?**

Immigrasiýa boýunça hukukçylar immigrasiýa kanunçylygy boýunça ýöriteleşen ygtyýarnamaly hukukçylardyr. Olar müşderilerine aklawçylyk edip, olara immigrasiýa edaralarynda hem-de immigrasiýa kazyýetlerinde wekilçilik edýärler we immigrasiýa kömegi üçin resminamalary tabşyrmaga ýardam berýärler. Hukukçy umumy maslahatlary berip biler we immigrasiýa boýunça saýlamalary ara alyp maslahatlaşyp biler. Ähli hukukçylar bilen bir hatarda, immigrasiýa boýunça hukukçylar hem professional etiki we kanunçylygyň talaplaryny berjaý edýärler we müşderileri bilen eden gürrüňleriniň gizlinligini üpjün edýärler.

**Ýerli immigrasion hukukçy bilen nädip habarlaşyp bilerin?**

| |
|---|
| ABŞ-nyň Milli Howpsuzlyk Departamentiniň (DHS) garamagyndaky edara bolan ABŞ-nyň Raýatlyk we Immigrasiýa Gullugy (USCIS) raýatlara muzdsyz we arzan bahaly kanuny wekilçilik edinmegine ýardam bermek maksady bilen şu iki sany saýty hödürleýär:<br><br>USCIS: Öz Jemgyýetiňiziň Web Sahypasynda Kömek Tapmak     USCIS: Hukuk Hyzmatlary Gullugynynyň Web Sahypasyny Tap |
| Immigrasiýa Işleri boýunça Şikaýat Kazyýeti (BIA) her ştatda ýerleşýän immigrasion hyzmatlar bilen meşgullanýan aklawçylaryň sanawyny tölegsiz ýa-da arzan bahadan hödürleýär. |
| Amerikanyň Immigrasion Hukukçylar Birleşigi (AILA) bir talyba ýa-da ylmy işgäre internet ulgamyndan immigrasion hukukçy tapmaga ýardam berýän Immigrasion Hukukçylar Gullugyny hödürleýär. |
| The American Bar Association also provides information on finding legal services by state. Amerikanyň Aklawçylar Birleşigi hem her ştatda hukuk kömeginden peýdalanmak üçin maglumatlary hödürleýär. |